# Ýörejek ýodasyny ýitirene ýol bolsam

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýörejek ýodasyny ýitirene ýol bolsam ÝÖREJEK ÝODASYNY ÝITIRENE ÝOL BOLSAM

Kalbymyñ çuñlugynda,
Dert köwlenýä buraw deý.
Derdim dünýäñ ýüregne,
Buz çöküpdir gyraw deý.

Ýagşylardan has öñde,
Ýol alypdyr haýýarlar.
Bu jahanda sahabat,
Azalypdyr haýyr hem.

Ýagşylygyñ ýoluny,
Açyp bilsem gyrdap men.
Ejiz düşse gol berip,
Çekip alsam girdapdan.

Ýörejek ýodasyny,
Ýiriren ýol bolsam.
Buz çöken köñüllere,
Mähir çaýjak gül bolsam.

Belki derman bolardy,
Kalbymdaky azara.
Şonda Hakyñ nuruna,
Barýan ýol hem uzar-a!?

Gyzylgül ANNAGYLYJOWA. Goşgular